# Garadrin / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Garadrin / satiriki hekaýa GARADRIN

Biz etrabymyzyñ «Täze ýol» daýhan birleşigininiñ hasapçysy Berdi Garaýew bilen gysgaça, emma döwletli gürrüñ etdik. Aşakda şol gürrüñiñ stenografik ýazgysyny okap görüñ:
– Berdi, sen ýaş başyñdan daýhanlaryñ daban azabyna degişli pullary öz kisäñe urmagy, umuman, mugt iýmegi kimden öwrendiñ?
– Gowaca düşýän **garadrin** diýen gurçukdan öwrendim. Şol meniñ halypam hem mugallymym.
– Düşnükli.
– Düşnükli bolman bökerem.
– Berdi, seniñ ýazan galp tabeliñe 5-nji daýhan hojalygyñ brigadiri Kuly Myradow, daýhan birleşigiñ baş buhgalteri Keýik Begliýewa, baş ykdysatçy Ýazym Italmazow dagy nädip gol çekýärler?
– Gözlerini pugta ýumup.
– Gaty düşnükli.
– Düşnükli bolman oýnaram.
– Ýumrugy ýekedaban ýaly daýhanlara aýda 25 manat, a işlemän ýatan näzik, çepiksijelerem 180 manat gazanýarlar. Sebäbi näme?
– Dogan-garyndaşa, tanşa, dost-ýara sarpa goýýas.
– Jogaby nagt etdiñ.
– Bizde gümmi-sümmi bolmaz.
– Oguljahan diýen birine aýda 190 manat ýazypsyñ. Bu kim?
– Brigadiriñ aýaly. Munuñ özi işe çykanok. 5-nji klasda okaýam gyzy Näzik oña derek işleýär. Näzige-de hak ýazýan. Ony siz görmediñiz.
– Aýjahan diýlen birine 180 manat ýazypsyñ. Bu kim?
– Ol meniñ öz enem haw. Onuñ ýerine Ejegûl diýen gyz jigim işleýär. 7-nji klasda okaýar. Ejegüle-de hak ýazýan. Ony siz añmadyñyz.
– Ogulsenem diýen birine 240 manat ýazypsyñ. Bu kim?

– Ol meniñ hut öz aýalym ahyry. Ýazman bökersiñem.
– Işe çykýamy?
– Oña derek özüm çykýan. Ýazyna ýorunja suw tutýar, gyşyna ders çekýär diýip ýazýan.
– 190 manat ýazylan Bike Nazarowa seniñ nämäñ?
– Aýal doganym. Durmuşa çykan.
– Çaga dogrulýan öýde ýatyrka-da işledi diýip hak ýazypsyñ-la oña?!
– Jan ýaly, süýtdeş doganyñ bolsa senem ýazarsyñ.
– 140-luk Bibi Haýdarowa kim?
– «Gadyr gaýyn bilen giýewde» diýlen sözi eşitmänmidiñiz?!
– Gudañmy?!
– Bardyñ üstünden.
– Geldi Garaýew diýilýän oglanyñ obadan 160 kilometr uzaklykda işleýän kakañ ýanynda bolýandygyny eşitdik. Oña aýda 180 manat bikanun hak ýazypsyñ-la!
– Elimden gelýä.
– Kakañ Gara Ahmedow hem öz ogly Geldä balçy diýip, aýda 190 manat hak ýazypdyr ahyry.
– «Bal tutan barmagyny ýalar» diýlen söz bar-a.
– Söz başga, kanun aýry.
– Biziñ-ä kanunymyz şeýle. Ony az görseñiz 4-nji klasda okaýan inim Jepbar Garaýewe 180 manat ýazyp ýörün. Görübilmedigiñ gözi çyksyn, ýamanlar ýarylyp ölsün.
– Bu ýerde birküç sany işgäre, Oguldöndä, Bahara, Agamämmede aýda 140-160 manatdan basypsyñ-la?!
– Olar menden ýalbaryp almaýarlar. Gözüñe basyp alýarlar. Olar brigadirimiziñ çagalary ahyry. Ýogsam olary külembikesinde pyrlap biljek daýaw daýhanlara aýda 30-40 manady zordan nalaç ýazýas.
– Diýmek, siziñ daýhan birleşigiñizde galplyk, garyndaşlyk ýetjek derejesine ýetipdir-dä?!
– Ýokardan tanapymyzy dartýançalar entegem gideris.

Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar